# STANDART, hil we howpsuzlyk

Esaslandyryjysy — «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy

№1
2024

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE



NEŞIRIŇ POÇTASYNDAN

# MILLI METBUGATYŇ MADDY-TEHNIKI BINÝADY

*Jemile PÜRJÄÝEWA,
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgär*

Türkmenistanda milli žurnalistikanyň işini kämilleşdirmek, KHBS-niň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak, ýaýlyma berilýän teleradio gepleşikleriniň, çap edilýän makalalaryň hilini gowulandyrmak, gazetleriň we žurnallaryň redaksiýalaryny düzümleýin döwrebaplaşdyrmak hem-de elektron görnüşe geçirmek boýunça zerur çäreler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden ýurdumyzyň KHBS-niň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmaga we kämilleşdirmäge aýratyn üns berilýär. Ilkinji nobatda bolsa neşirleriň çap ediliş hiliniň ýokarlandyrylmagy ýaly meselelere çynlakaý seredilýär. Geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan öň gazet-žurnallary çap etmegiň ýokary basyşly çap ediliş usulyndan ofset usulyna geçirilýär. Netijede, diňe bir gazet-žurnallaryň çap edilişiniň hili däl, eýsem, olaryň tehniki bezegi hem düýpli özgerýär. Çap edilýän her bir neşir görnüşi ýerine ýetirýän wezipesi boýunça öz «ýüzüni» tapyp başlaýar. Ýurdumyzyň çaphanalary iň gowy kompýuterler, döwrebap çaphana maşynlary bilen üpjün edilýär. 1996-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda Türkmenistanyň metbugat merkezinde kompýuter merkezi döredilýär.

1997-nji ýylyň 11-nji fewralyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky ozalky Metbugat komiteti bilen Metbugat redaksion-neşirýat birleşigi birikdirilip, täze «Türkmenmetbugat» döwlet önümçilik birleşigi döredildi. Birleşigiň baş wezipesi tutuş metbugat ulgamyny bir ýere jemläp, gazet-žurnallary, kitaplary neşir etmegiň hilini hem mazmunyny gowulandyrmak, çaphana we neşirýat önümçiligini döwrüň talabyna laýyk gurap, neşirleriň çap ediliş hilini büsbütinleý kämilleşdirmek, daşary ýurt döwletleriniň neşir ediş derejesine ýetirmek bolup durýar.

«Türkmenmetbugatyň» binýadynda güýçli kompýuter merkeziniň döredilmegi gazet-žurnallaryň hilini gowulandyrmak bilen birlikde, redaksiýalaryň žurnalistleriniň işini hem ýeňilleşdirdi.

1999-njy ýylyň martyndan «Türkmenmetbugat» döwlet önümçilik birleşigi iki topara bölündi: birinjisi, hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion-birleşik; ikinjisi, respublikan metbugat dolandyrylyşy. Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion-birleşigiň düzüminde döwürleýin metbugaty çapa taýýarlaýan kompýuter merkezi, respublikan metbugat dolandyrylyşynyň garamagynda okuw we çeper kitaplary çapa taýýarlaýan özbaşdak kompýuter merkezi döredildi. 2000-nji ýyldan respublikan metbugat dolandyrylyşy Türkmen döwlet neşirýat gullugyna öwrüldi [1].

2008-nji ýylda Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany açylyp ulanylmaga berilýär. Bu ýerde žurnalistleriň döredijilikli zähmet çekmekleri üçin ähli amatlyklary bolan gazet-žurnallaryň redaksiýalary ýerleşýär.

2015-nji ýylyň 29-njy aprelinde bolsa döwrebap Metbugat öýi toplumy açylýar. Ýurdumyzyň neşirýat senagatynyň ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolan ýokary tehnologiýaly bu kärhananyň çaphanasynda hil babatda döwrebap, halkara standartlara laýyk gelýän gazetler, žurnallar, okuw kitaplary, kitapçalar çap edilip başlanýar.

Toplumyň umumy eýeleýän meýdany 8 gektara barabar bolup, onuň düzümine Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Metbugat merkezi, «Çaphana-hyzmatlary» döwlet kärhanasy, «Türkmenmetbugat üpjünçilik» maddy-tehniki üpjünçilik kärhanasy, mejlisler zaly, naharhana, ýapyk ulag duralgalary, sport meýdançalary hem-de beýleki kömekçi desgalar girýär.

Toplumda alnyp barylýan işler awtomatlaşdyrylan bolup, desga kämil enjamlar bilen üpjün edilen. Toplum önümleriň dürli görnüşlerini öndürmäge, diňe bir içerki islegleri däl, eýsem, daşary ýurtly sarp edijileriň isleglerini doly kanagatlandyrmaga ukyplydyr.

Döwürleýin neşirleri çap etmek amala aşyrylýan bölümde hem döwrebap enjamlar ornaşdyrylan. Bu ýerde oturdylan enjamlaryň her biri bir sagadyň içinde 64 müň nusgalyk gazeti çap etmäge ukyplydyr. Toplumdaky «MANROLAND» kompaniýasynyň «CROMOMAN» enjamy bilen ofset görnüşinde neşir önümleriniň üç görnüşini — gazetleri, žurnallary we kitaplary çap etmek bolýar. Her bir çap ediş enjamynda «QI IDS» awtomatik ulgamy oturdylyp, ol çap edilýän kagyzyň tutuşlygyna reňkine gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Döwrebap «Ferag» ulgamynyň ulanylmagy netijesinde, neşir önümlerini daşamak we gaplamak işleri hem awtomatlaşdyrylandyr. Metbugat öýüniň poligrafiýa önümçiliginde sanly tehnologiýalaryň esasynda çykarylýan önümleriň ýokary hilli bolmagyny hem-de işleriň bellenilen möhletde ýerine ýetirilmegini üpjün edýän häzirki zaman goşundylar hem ornaşdyrylandyr [2].

Ulgam boýunça sanly resminama dolanyşygyna geçmek üçin hem döwrebap işler alnyp barylýar. Munuň üçin önümçilik we döredijilik edaralarynyň arasynda içki tor ulgamy hereket edýär.

**EDEBIÝAT**

1. *Goçmyradow H., Annagurdow M. Türkmen žurnalistikasynyň taryhy. //Aşgabat, TDNG, 2012 ý.*

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. //Aşgabat, TDNG, 2016 ý.*